Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň
2015-nji ýylyň 8-nji maýynda çykaran 26 belgili
**B U Ý R U G Y**

# Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny bermegiň Tertibini tassyklamak barada

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysy, 2019 ý., № 1 (26), 637-nji sahypa)

“Statistika hakynda”, “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 11-nji noýabrynda çykaran 11896-njy karary bilen tassyklanan Ýuridik şahslary döwlet tarapyndan bellige almagyň we olaryň hasabyny ýöretmegiň Tertibine we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 12980-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama laýyklykda şeýle hem hojalyk subýektlerine statistik kodlaryň berilmegini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny bermegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasarlary L.Amanniýazowanyň, H. Gurbanowyň üstüne ýüklemeli.

**Başlyk** **A. Mämmedow**

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet
komitetiniň başlygynyň
2015-nji ýylyň 8-nji maýynda
çykaran 26 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny bermegiň**

# TERTIBI

(Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky 73 belgili, 2022-nji ýylyň 12-nji aprelindäki 12 belgili we 2025-nji ýylyň 12-nji maýyndaky 19-Ö belgili buýruklary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2018-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda 1121, 2022-nji ýylyň 20-nji aprelinde 1591 we 2025-nji ýylyň 26-njy maýynda 1878 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan)

## I. Umumy düzgünler

1. Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny bermegiň Tertibi (mundan beýläk-Tertip) hojalyk subýektlerine statistik kodlary bermegiň düzgünlerini kesgitleýär.

2. Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatynyň (mundan beýläk - Maglumat haty) hereketi döwlet kärhanalaryna, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalara, bank, ätiýaçlandyryş işlerini, şeýle hem humarly oýunlar we pully oýunlar (humarly oýun işi) bilen baglanyşykly işleri amala aşyrýan kärhanalara degişli däldir.

3.«Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilik subýektleri diýlip şu aşakdakylara düşünilýär:

1) telekeçi ýuridik şahslara:

a) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli bolan, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk **mikrokärhanalara;**

b) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 16 adamdan 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 11 adamdan 25 adama çenli bolan **kiçi kärhanalara**;

ç) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 51 adamdan 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 26 adamdan 100 adama çenli bolan **orta kärhanalara**;

2) hususy telekeçiniň özüni hem goşmak bilen, işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 10 adamdan geçmeýän, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar – **hususy telekeçilere**.

4. Kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerinde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany ähli işgärlerini, şol sanda esasy işi bilen utgaşdyryp işleýänleri,

möwsümleýin we wagtlaýyn işgärleri, şeýle hem olaryň şahamçalarynyň, wekilliklериniň we özbaşdak ýuridik şahslar bolup durmaýan beýleki aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň işgärlerini hasaba almak bilen, senenama ýyly üçin kesgitlenilýär.

5. Işgärleriň sanaw boýunça ortaça sanynyň senenama ýyly boýunça artdyrylmagy kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri üçin göz öňünde tutulan ýeňilliklere bolan hukugyň bes edilmegine getirýär.

6. Hasabat ýyly boýunça işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany artdyrylan mahalynda ýeňilliklere bolan hukuk hasabat ýylynyň yzyndan gelýän ýylyň 1-nji aprelinden bes edilýär. Eger işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine laýyk getirilse, onda ýeňilliklere bolan hukuk ol bes edilenden bir ýyl geçenden soň dikeldilip bilner.

7. Kiçi we orta telekeçiligiň subýekti hasaba alşy ýöredýär hem-de degişli döwlet edaralaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde zerur bolan statistik, buhgalterçilik, salgyt we beýleki hasabatlary berýär.

8. 2010-njy ýylyň 6-njy iýulynda "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy tarapyndan 139-njy buýruk bilen tassyklanan Kärhanalaryň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň (TDS 1.17-2010) (mundan beýläk - Kärhanalaryň klassifikatory) esasynda:

**iri kärhanalara:** senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 201 adamdan 1000 adama çenli, beýleki pudaklarda 101 adamdan 500 adama çenli bolan kärhanalar degişlidir.

**has iri kärhanalar:** senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 1001 adamdan ýokary, beýleki pudaklarda 501 adamdan ýokary kärhanalar degişlidir.

9. Maglumat haty statistika edaralary tarapyndan statistik maksatlar üçin peýdalanylýan statistik hasabatlar esasynda berilýär. Maglumat haty Türkmenistanyň çäklerindäki hojalyk subýektleriniň ykdysady işleriň görnüşlerini amala aşyrmak hukugynyň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan kesgitlenilmegi üçin niýetlenilen däldir.

## II. Maglumat hatyny bermegiň tertibi

10. Hojalyk subýektlerini kiçi we orta telekeçilik subýektlerine, şeýle hem **iri kärhanalara we has iri kärhanalara** degişli etmeklik sebitleýin statistika müdirlikleriniň berýän Maglumat haty esasynda amala aşyrylýar.

11. Hojalyk subýektleriniň statistik sanawynda ilkinji gezek bellige alnanda ýuridik şahslar üçin Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat haty (1-nji goşundy) Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawynda döwlet tarapyndan bellige alnandan soň, bellenilen görnüşdäki Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny almak üçin Arza (2-nji goşundy) esasynda berilýär. Arzada ykdysady işleriň göz öňünde tutulýan esasy görnüşleri, işgärleriň sanaw boýunça göz öňünde tutulýan ortaça sany we hojalyk subýektlerini hasaba alyş kartoçkasy esasynda doldurylan statistiki hasaba alyş üçin zerur bolan beýleki maglumatlar görkezilýär.

12. Galan ýagdaýlarda ýuridik şahslar üçin Maglumat haty arzanyň hem-de hojalyk subýektlerini hasaba alyş kartoçkasynyň (soňky hasabat senesine), Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy esasynda berilýär.

13. Hasabat ýylynda işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany we ykdysady işleriň esasy görnüşi boýunça ýuridik şahslary kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine (mikrokärhanalar, kiçi we orta kärhanalar) degişli etmek «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan bellenilen ölçegler esasynda hem-de Kärhanalaryň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň (iri kärhanalar we has iri kärhanalar) esasynda kesgitlenilýär.

14. Ykdysady işleriň esasy görnüşi, “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynyň başlygynyň 2020-nji ýylyň 30-njy aprelinde çykaran №139-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan “Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory” atly TDS 617-2020 belgili döwlet standarty boýunça ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryny peýdalanmak boýunça usuly görkezmelere laýyklykda kesgitlenilýär.

15. Ýuridiki şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar (mundan beýläk - hususy telekeçiler), Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny (şu Tertibe 3-nji goşundy) almak üçin, Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny almak üçin Arza (şu Tertibe 4-nji goşundy) bilen birlikde, pasportynyň (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň) nusgasyny, bellige alyş şahadatnamasynyň nusgasyny, hem-de işleýän hususy telekeçiniň hasabat ýyly üçin statistik hasaba alyş Kartoçkasynyň nusgasyny berýärler. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň ýerlerdäki bölümlerinde ilkinji gezek bellige alnan hususy telekeçiler, Maglumat hatyny almak üçin, Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny almak üçin Arza bilen birlikde, pasportynyň (ýa-da ornuny tutýan resminamasynyň) nusgasyny we bellige alyş şahadatnamasynyň nusgasyny berýärler.

16. Hususy telekeçileri kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli etmek, hususy telekeçileri we hakyna tutulan işgärleri hasaba almak bilen, işgärleriň hasabat ýylyndaky sanaw boýunça ortaça sany esasynda kesgitlenilýär.

17. Maglumat haty sebitleýin statistika müdirlikleri tarapyndan ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň statistik (salgyt) babatda bellige alnan ýeri boýunça berilýär. Maglumat hatyna sebitleýin statistika müdirlikleriniň başlyklary we ýerine ýetirijiler tarapyndan gol çekilýär hem-de möhür bilen tassyklanylýar.

Berlen Maglumat hatynyň maglumatlary üýtgän (mikrokärhanalara, kiçi we orta kärhanalara degişliligine täsir edýän) ýagdaýynda Maglumat haty gaýtadan alynmaga degişlidir.

Aýry-aýry ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslaryň-hususy telekeçileriň hem-de ýuridik şahslaryň (aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) işi hakyndaky statistik maglumatlar diňe olaryň razylygy bilen ýaýradylyp bilner.

On sekizinji bölegi - Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 12-nji aprelinde çykaran 12 belgili buýrugy esasynda aýyrylan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 20-nji aprelinde 1591 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.

19. Maglumat haty hojalyk subýektiniň sebitleýin statistika müdirliklerine ýüz tutan gününden başlap, 3 (üç) iş gününiň dowamynda resmileşdirilýär.

20. Ýuridik şahslar üçin Maglumat haty berlende sebitleýin statistika müdirlikleriniň ygtyýarly edilen bölümleriniň hünärmenleri tarapyndan Maglumat hatyny bellige alyş kitapçasynda bellige alynýar, oňa Maglumat hatynyň belgisi, berlen senesi, kärhananyň hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatory (mundan beýläk - HSUK) boýunça kody, kärhananyň ady, çägiň kody, Maglumat hatyny alan adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady ýazgy edilýär we goly goýulýar.

Hojalyk subýektleriň umumy klassifikatory - bu hojalyklara berilýän tapawutlandyryjy belgi (ýuridik şahslara, şahamçalara, wekilliklere, hususy telekeçilere) sanawda hasaba almaklygy ýeňilleşdirmek üçin berilýär. Ýuridik şahslaryň, şahamçalaryň, wekillikleriň, hususy telekeçileriň tapawutlandyryjy belgisiniň köplügi HSUK-ny emele getirýärler. HSUK kody - bu 8 - belgili sanlaryň üýtgeşik toplumydyr we goramak maksady bilen barlag sanlary özünde saklaýar. HSUK kody bir gezek berilýär we hojalyk subýektlerde olaryň hojalyk işleriniň doly döwründe saklanýar.

21. Hususy telekeçiler üçin Maglumat haty berlende sebitleýin statistika müdirlikleriniň ygtyýarly edilen bölümleriniň hünärmenleri tarapyndan Maglumat hatyny bellige alyş kitapçasynda bellige alynýar, oňa Maglumat hatynyň belgisi, berlen senesi, telekeçiniň hususy salgyt belgisi, çägiň kody, Maglumat hatyny alan telekeçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady ýazgy edilýär we goly goýulýar.

Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada
Maglumat hatyny bermegiň Tertibine 1-nji goşundy

# Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada
# №_____ MAGLUMAT HATY

**(hojalyk subýektleriniň statistiki sanawynyň hasaba alnyşynda duran ýuridik şahslar üçin)**

| | |
|---|---|
| 1 | **Kärhananyň (guramanyň) ady** (dolulygyna) |
| 2 | **Kärhananyň (guramanyň) ýolbaşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady** |
| 3 | **Hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatory (HSUK) boýunça kody** ☐☐☐☐☐☐☐☐ |
| 4 | **Eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory (EGDK) boýunça kody** ☐☐<br>EGDK boýunça ady: |
| 5 | **Guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory (GHGDK) boýunça kody** ☐☐☐<br>GHGDK boýunça ady: |
| 6 | **Ýerleşýän ýeriniň ýuridik salgysy**<br>(poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý)<br>**Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça ýuridik salgysynyň kody** ☐☐☐☐☐☐☐☐☐☐ |
| 7 | **Ýerleşýän ýeriniň hakyky salgysy**<br>(poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý)<br>**Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça hakyky salgysynyň kody** ☐☐☐☐☐☐☐☐☐☐ |
| 8 | **Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK) boýunça ykdysady işiniň esasy görnüşiniň kody** *( esasan HSSS-iň derwaýyslaşdyryşdan geçen kartoçkasy boýunça önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejiniň (jemi girdejiniň) tutýan has uly paýyndan ugur alyp kesgitlenýär)*<br>☐☐☐☐☐☐ YIGDK boýunça ady: |
| 9 | **Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK) boýunça ykdysady işleriň goşmaça görnüşleriniňkodlary**<br>9.1 ☐☐☐☐☐☐☐ YIGDK boýunça ady:<br>9.2 ☐☐☐☐☐☐☐ YIGDK boýunça ady:<br>we ş.m. |
| 10 | **Hasabat ýylynda kärhanadaky işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany** ☐☐☐ |
| 11 | **Kärhanalaryň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (KGDK) boýunça kody**<br>☐☐☐ KGDK boýunça ady: |

“Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda (**kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri diýlip, mikrokärhanalar, kiçi kärhanalar,orta kärhanalar bolup durýan telekeçi ýuridik şahslara düşünilýär.**

**Maglumat hatynyň berlen senesi (sene, aý, ýyl) «___» «_______________» 20___ ý.**

**Maglumat hatynyň maglumatlary üýtgän (mikrokärhanalara, kiçi we orta kärhanalara degişliligine täsir edýän) ýagdaýynda şu Maglumat haty gaýtadan alynmaga degişli bolup durýar.**

**__________ welaýatynyň (şäheriniň)**
**statistika müdirliginiň başlygy** ____________________ (goly) ______________________ (F.A.A)

Möhür ýeri

**Ýerine ýetiriji** ____________________ (goly) ______________________ (F.A.A)

*Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada*
*Maglumat hatyny bermegiň Tertibine 2-nji goşundy*

**Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny almak üçin**

## ARZA

**(ýuridik şahslar üçin)**

Men, ____________________________________________________,

kärhananyň ýolbaşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady (dolulygyna)

**Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny (ýuridik şahslar üçin)** bermegiňizi haýyş edýärin.

Kärhana Hojalyk subýektleriniň statistik sanawynda hasapda durýar:

Kärhananyň ady (dolulygyna) ______________________________________________

______________________________________________________________________

Kärhananyň HSUK boýunça kody

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

*(HSSS-iň kartoçkasyndan)*

Ýuridik salgysy ____________________________________________________

______________________________________________________________________

(poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý)

______________________________________________________________________

(telefon, faks belgisi, elektron poçtanyň salgysy)

Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça kody

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

*(HSSS-iň kartoçkasyndan)*

Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory boýunça ykdysady işleriň esasy görnüşiniň kody *(HSSS-iň derwaýyslaşdyryşdan geçen kartoçkasy boýunça önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejiniň (jemi girdejiniň) tutýan has uly paýyndan ugur alyp kesgitlenýär)*

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

*(HSSS-iň kartoçkasyndan)*

Hasabat ýylynda kärhanada işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany

| |
|---|
| |

*(HSSS-iň kartoçkasyndan)*

*«Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilik subýektlerine aşakdakylar degişli: telekeçi ýuridik şahslar:*

*a) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli bolan, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk mikrokärhanalar;*

*b) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 16 adamdan 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 11 adamdan 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalar;*

*ç) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 51 adamdan 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 26 adamdan 100 adama çenli bolan orta kärhanalar).*

Arza şular goşulýar:

1. Hojalyk subýektlerini statistik hasaba alyş kartoçkasynyň göçürme nusgasy;
2. Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy.

Kärhana barada ýokarda görkezilen ähli maglumatlaryň dogrudygyny tassyklaýarys we nädogry maglumatlaryň berlen ýagdaýynda görüljek jogapkärçilik çäreleri* barada habarly edildi. Şeýle hem, statistika edarasyndan soralýan taraplara şu maglumatlaryň elektron görnüşiniň berilmegine garşy/garşy däl.

*(Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda, döwlet statistik maglumatlary bermek möhletleriniň bozulmagy, hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir).

**« »__________________ 20__ýyl** _______________________

*goly*

# Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada

# №_____ MAGLUMAT HATY

**(hususy telekeçiler üçin)**

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **Hususy telekeçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady (dolulygyna)** | | | | | | | | | | | | | |
| 2 | **Hususy telekeçiniň hususy salgyt belgisi** | | | | | | | | | | | | | |
| 3 | **Hususy telekeçiniň hususy salgyt belgisiniň berlen senesi** ________ ______ (güni aýy ýyly) | | | | | | | | | | | | | |
| 4 | **Hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatory (HSUK) boýunça kody** | | | | | | | | | | | | | |
| 5 | **Dolandyryş edaralarynyň belgileniş ulgamy (DEBU) boýunça kody** | **1** | **0** | **0** | **7** | | | | | | | | | |
| | DEBUboýunça ady: | Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar–hususy telekeçiler | | | | | | | | | | | | |
| 6 | **Eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory (EGDK) boýunça kody** | **2** | **1** | | | | | | | | | | | |
| | EGDK boýunça ady: | Raýatlaryň eýeçiligi | | | | | | | | | | | | |
| 7 | **Guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory (GHGDK) boýunça kody** | **7** | **3** | **0** | | | | | | | | | | |
| | GHGDK boýunça ady: | Hususy telekeçiler | | | | | | | | | | | | |
| 8 | **Hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy (ýazgy boýunça)** | | | | | | | | | | | | | |
| | (poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý) | | | | | | | | | | | | | |
| | **Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça kody** | | | | | | | | | | | | | |
| 9 | **Ykdysady işleriň görnüşiniň amala aşyrylýan hakyky salgysy** | | | | | | | | | | | | | |
| | (poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý) | | | | | | | | | | | | | |
| | **Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça kody** | | | | | | | | | | | | | |
| 10 | **Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK) boýunça ykdysady işleriň görnüşleri** *(ykdysady işiň esasy görnüşi –jemi girdejiniň has uly tutýan paýyndan ugur alnyp kesgitlenýär)* | | | | | | | | | | | | | |
| | 10.1 | | | | | | | | YIGDK boýunça ady: | | | | | |
| | 10.2 | | | | | | | | YIGDK boýunça ady: | | | | | |
| | we ş.m. | | | | | | | | | | | | | |
| 11 | **Hasabat ýylynda işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany** | | | | | | | | | | | | | |

“Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynyň 1-nji bölegiň 2-nji bendine laýyklykda kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri diýlip, **hususy telekeçiniň özüni hem goşmak bilen işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 10 adamdan geçmeýän, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslara – hususy telekeçilere düşünilýär.**

**Maglumat hatynyň berlen senesi (sene, aý, ýyl) «___» «______________» 20___ ý.**

**Maglumat hatynyň maglumatlary üýtgän ýagdaýynda şu Maglumat haty gaýtadan alynmaga degişli bolup durýar.**

**__________ welaýatynyň (şäheriniň) statistika müdirliginiň başlygy** ____________________ (goly) ______________________ (F.A.A)

Möhür ýeri

**Ýerine ýetiriji** ____________________ (goly) ______________________ (F.A.A)

*Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny bermegiň Tertibine 4-nji goşundy*

**Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny almak üçin**

# ARZA

**(hususy telekeçiler üçin)**

Men, ______________________________________________________________,

(hususy telekeçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady (dolulygyna)

**Hojalyk subýektleriniň eýe bolan statistik kodlary barada Maglumat hatyny (hususy telekeçi üçin)** bermegiňizi haýyş edýärin.

Hemişelik ýaşaýan ýerimiň salgysy (ýazgy boýunça) ____________________

______________________________________________________________

(poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý)

______________________________________________________________

(telefon, faks belgisi, elektron poçtanyň salgysy)

Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça kody

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

(statistika edaralary tarapyndan doldurylýar)

Ykdysady işleriň görnüşleriniň amala aşyrylýan ýeriniň hakyky salgysy:

______________________________________________________________

(poçta indeksi, welaýat, etrap, şäher, ilatly ýer, köçe, jaý, öý)

______________________________________________________________

(telefon, faks, elektron poçtanyň salgylary)

Dolandyryş-çäk birlikleriniň döwlet klassifikatory (DÇBDK) boýunça kody

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

(statistika edaralary tarapyndan doldurylýar)

**Hususy telekeçiniň hususy salgyt belgisi**

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | |

**Hususy telekeçiniň hususy salgyt belgisiniň berlen senesi** **«____ »____________ 20__ýyl**

**Hususy telekeçiniň HSUK kody (eger bar bolsa)**

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

**Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK) boýunça ykdysady işleriň görnüşleri (***göz öňünde tutulýan ýa-da ýerine ýetirilýän ykdysady işleriň görnüşleri)*

| YIGDK boýunça kody | | | | | | | YIGDK boýunça ady |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1.** | | | | | | | |
| **2.** | | | | | | | |
| **3.** | | | | | | | |
| **4.** | | | | | | | |
| **5.** | | | | | | | |
| **6.** | | | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **7.** | | | | | | | |
| **8.** | | | | | | | |
| **9.** | | | | | | | |
| **10.**<br>**11.** | | | | | | | |
| **12.** | | | | | | | |
| **13.** | | | | | | | |
| **14.** | | | | | | | |
| **15.** | | | | | | | |
| **16.** | | | | | | | |
| **17.** | | | | | | | |
| **18.** | | | | | | | |
| **19.** | | | | | | | |
| **20.** | | | | | | | |

**Hasabat ýylynda işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany _______adam***

*****“*Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda, kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri diýlip, hususy telekeçiniň özüni hem goşmak bilen işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 10 adamdan geçmeýän, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar bolup durýan hususy telekeçilere düşünilýär.*

**Meniň ýokarda beren ähli maglumatlarymyň dogrudygyny tassyklaýaryn we nädogry maglumatlary beren ýagdaýymda maňa görüljek jogapkärçilik çäreleri* barada habarly edildim.** Şeýle hem, statistika edarasyndan soralýan taraplara şu maglumatlaryň elektron görnüşiniň berilmegine garşy/garşy däl.

*(Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda, statistik gözegçiligi geçirmek ýa-da degişli döwlet statistik sanawlaryny alyp barmak üçin zerur maglumatlary bermek möhletleriniň bozulmagy, şonuň ýaly-da hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir).

**«____ »_________________ 20__ýyl** _________________________

*goly*